# Gysga satiralar, kelte setirler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gysga satiralar, kelte setirler GYSGA SATIRALAR, KELTE SETIRLER

Gelni:
– Hondan bärsi bolup, köpeltme gepiñ,
Men dälmi, getiren öýüñ bar sepin?
Gaýyn ene:
– Onsoñ gürle, satyn alnan salaty!

* * *

Äri:
– Arassa zähmetim, halal aýlygym,
Şoldur meniñ guwanjym hem baýlygym.
Aýaly:
– Seniñ bir aý işläp alýan aýlygyñ,
Meniñ bir bazarda satýan ýaglygym.

* * *

Öýlenen ýigit:
– Täze gelne aýp bolar galmagal,
Gelni:
Tanamaýan gyzyñ satyn almazlar.

* * *

Ýaranjañ:
– Zerurmy, öwrülgin kiçijik bürä,
Boluber başlygyñ ýagdaýna görä.

* * *

Päliýaman enäñ gyzyna wesýeti:
– «Söýýän» diýseñ, «köýýän» diýseñ.
Samsyk borsuñ, haram tula.
Soñ gadyryñ bilner ýaly,
Satyljak bol köpräk pula.

* * *

Algyly gudañ aýdany:
– Gije diýmän, gündiz diýmän,
işle epmän dyzyñy,
Şu ýyl bergiñi üzmeseñ, äkiderin gyzymy.

* * *

Iki ýüzli adamyñ häsiýeti:
– Içerde başlygyñ elini öpüp,
Daş çykansoñ, diýýär oña «Bir köpük».

* * *

Belli bir ärde togtamaýan gelin:
– Ýene geldi owlagyñ,
Jan eje jan, kowmagyn!

* * *

Enäniñ zeýrenji:
– Agramyna çekip, alsam-da pula,
Apardy oglumy, ýetirmäm ýyla.
Gelin diýip, dyndym gaýtam oglumdan.
Menem gapysynda öwrüldim gula.

* * *

Ejemden eşiden nakylym:
– Oýun etse, ogly ýeñwr.
Çynyn etse, atasy.
Gelnimden eşiden nakylym:
– Oýun etse, atasy ýeñer.

Çynyny etse, ejesi.

* * *

Atasy:
– Köp okasañ, köp bor bilimiñ, akylyñ.
Il seni hormatlar, taparsyñ çörek.
Agtygy:
– Bu gün kim bolsañ hem tapylýar çörek.
Hormatlanmak üçin wezipe gerek.

Atda GURBANGELDI.

«Tokmak» žurnaly, 1992 ý. Goşgular